# AÝRY-AÝRY STATISTIK GÖRKEZIJILERIŇ WE ADALGALARYŇ GYSGAÇA USULYÝET DÜŞÜNDIRIŞLERI

**Ilat ýazuwy diýlip** – wagtyň belli bir pursadynda öwrenilýän çäklerdäki her bir ýaşaýjyny häsiýetlendirýän, ilatdan ykdysady we sosial maglumatlary gönüden-göni almaga mümkinçilik berýän döwlet derejesinde ýörite gurnalýan köpçülikleýin statistik gözegçilige aýdylýar.

**Ýaşaýyş jaý gorunyň ýazuwy** – ýaşaýyş jaý gorunyň häsiýetnamalarynyň saýlanyp alnan toplumy boýunça maglumatlary ýygnamak bilen bir hatarda, ýaşaýyş jaý gorunyň ähli birliklerini resmi taýdan bellige almaga mümkinçilik berýän çäre.

**Ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň uçdantutma ýazuwynyň senesi** – ilat hakynda maglumatlaryň ýygnalyp we bellige alnyp başlanýan wagt pursady (ýyly, aýy, güni we sagady) – 2022-nji ýylyň 17-nji dekabrynda 00:00 sagatda.

**Ilatyň umumy sany** belli bir çäkde ýaşaýan adamlaryň köplügini öz içine alýar.

**Şäher ilatyna** şäher ýerlerinde ýaşaýanlar, **oba ilatyna** bolsa oba ýerlerinde ýaşaýanlar degişli. Şäher ilatly ýerlerine kanunçylyk namalary arkaly şäherler we şäher kysymly şäherçeler hökmünde tassyklanan ilatly nokatlar degişlidir, galanlarynyň hemmesi oba ilatly ýerleri hasaplanylýar.

**Ilatyň gürlügi** – ilatyň sanynyň meýdanyň (adatça, 1 $km^2$) birligine bolan gatnaşygy.

**Ilatyň jyns-ýaş düzümi** – ilat sanynyň ýaş toparlary boýunça, erkekler we aýal-gyzlar üçin aýratynlykda bölünişi.

**Ýaş topary** – birmeňzeş ýaşdaky adamlaryň topary. Adamyň ýaşy – doglanyndan onuň ömrüniň belli bir pursadyna çenli döwür. Zähmete ukyply ýaşdan kiçiler toparyna 0–17 ýaşyndaky adamlar degişli. Zähmete ukyply ýaşdaky adamlara 18–56 ýaşdaky aýal-gyzlar, 18–61 ýaşdaky erkekler degişli. Zähmete ukyply ýaşdan ulular toparyna – 57 we ondan uly ýaşdaky aýallar, 62 we ondan uly ýaşdaky erkekler degişli.

**Önelgelik (reproduktiw) döwri** zenanyň ömrüniň çaga dogurmaga ukyply bölegidir. Önelgelik döwrüniň dowamlylygy şol döwrüň araçäklerini görkezmek arkaly häsiýetlendirilýär. Demografiýada onelgelik ýaşy diýlip 15 we 49 ýaş aralygyndaky aýal-gyzlar düşünilýär.

**Orta ýaş** – ilatyň ýaş taýdan bölünişiniň umumylaşdyrylan häsiýetnamasy bolup, ähli ilat üçin, şeýle hem aýratyn ýaş toparlary üçin hasaplanyp bilner.

**Nika düzümi (nika ýagdaýy)** – erkekleri we aýallary nika ýagdaýy boýunça toparlara bölmek: hiç wagt nikada durmadyklar we haçandyr bir wagt nikada duranlar (nikada duranlar, dullar, nikasyny bozanlar we aýrylyşanlar), erkekler we aýallar üçin ýaş toparlary boýunça maglumatlar aýratyn berilýär.

**Ilatyň migrasiýasy** – ilatyň hemişelik ýaşaýan ýerini çalyşmak ýa-da okamak, zähmet çekmek üçin wagtlaýyn çäkde bolmak maksady bilen içerki ýa-da daşarky dolandyryş-çäk araçäklerini kesip geçmek bilen baglanyşykly islendik çäkden başga çäge göçmegi. Geçilýän serhet çäkleriniň häsiýetnamasyna baglylykda ilatyň daşarky we içerki migrasiýasy tapawutlandyrylýar.

Dürli gatly aýratyn konstruksiýa meýilnamasy bolan (bina, jaý, stasionar jaý) bir ýa-da birnäçe beýleki jaýlardan (otagdan) ybarat bolan, bir üçek bilen basyrylan we fundamentden üçege çenli adaty daşarky hem-de bölüji diwarlary bolan gurluşlar **bina** hasaplanýar. Binalar aýratyn ýa-da ýanaşyk duran bolup biler.

**Jaý** – binanyň bir bölegi bolup, onuň beýleki böleklerinden gozganmaýan diwarlar bilen bölünen we içerki ýollar arkaly olar bilen birleşmeýän, köçä, howla ýa-da basgançaga aýratyn çykalgasy bolan bina.

**Ýaşaýyş jaýy** gurluşy taýdan aýrybaşgalaşdyrylan, ýaşamak üçin aýratyn ýer bolup durýar.

**Öýüň umumy meýdany** ýaşaýyş meýdany ýaly kömekçi jaýlaryň (aşhana, öýüň öňündäki we içindäki dälizler, wanna we duş, hajathana, goş-golam saklanýan ýa-da diwara oturdylan şkaflar) meýdanyny hem goşmak bilen kesgitlenýär, şeýle hem ýyladylýan, ýaşamak üçin ýaramly bolan mansardalar, terraslar, eýwanlar we ş.m.

Umumy meýdana **goşulmaýan** meýdan:

– jaýyň umumy basgançak meýdançasy, lift zaly, tamburlar, dälizler (öýüň içindäkilerden başga), westibýullar, galareýalar, balkonlar, lodjiýalar, eýwanlar we mansardalar (ýyladylmaýanlar);

– ýaşaýyş jaýy bolmadyk, aýratyn duran aşhanalar, hammamlar, saunalar, saraýlar, goş-golam saklanýan ýerler, garažlar we ş.m.

Ýaşamak üçin niýetlenen we ýaşaýyş otaglaryndaky ýaşamak üçin ulanylýan meýdan **ýaşaýyş meýdany** hasaplanýar.

Ýaşaýyş meýdanyna goşulýar: ýaşaýyş öýlerindäki, umumy ýaşaýyş jaýlaryndaky we olara barabarlaşdyrylan beýleki binalardaky (umumy we ýatylýan otaglar) ýaşalýan otaglar; umumy ýaşaýyş jaýlaryndaky, çagalar öýlerindäki, maýyplar we gartaşan adamlaryň öýlerindäki, mekdep-internatlardaky we ş.m. dynç alyş we sapakdan daşary taýýarlanmak üçin ulanylýan otaglar; dürli sebäplere görä wagtlaýynça boş duran ýaşaýyş otaglary (abatlamak, täzeden enjamlaşdyrmak).

**Simli aragatnaşygyň kömegi arkaly elýeterli internet** – modem, şol sanda WI-FI, şeýle hem aragatnaşyk operatory bilen şertnamasy bar bolan öý hojalygynda berkidilen elýeterli internetiň barlygy diýmekdir.

**Ykjam aragatnaşygyň kömegi arkaly elýeterli internet,** eger ýaşaýyş jaýynda, öý hojalygynyň agzalarynyň birisinde bolsa-da, ykjam aragatnaşyk serişdesiniň duýduryşy bar bolsa we brauzeriň kömegi arkaly web-sahypany açýan bolsa (ykjam telefon arkaly barlamak mümkin).

**Öý hojalygy** – ýaşaýyş jaýynda, öýde ýa-da otagda, bolmasa-da ýaşaýyş jaýynyň, öýüň bir böleginde ýaşaýan, özlerini azyk, ýa-da ýaşaýyş üçin zerur bolan ähli zatlar bilen bilelikde üpjün edýän, özleriniň girdejilerini tutuşlygyna, ýa-da bölekleýin birleşdirip ýaşaýan adamlaryň topary. Ol adamlar garyndaş, nikadan gelip çykýan gatnaşyklarda durýan ýa-da garyndaş däl bolup biler. Bir öý hojalygynyň düzümine garyndaşlar we garyndaş däller hem girip biler.

Adaty ýaşaýyş jaýlarynda ýaşaýan öý hojalyklaryna **hususy öý hojalyklary** diýilýär.

**Köpçülikleýin öý hojalyklary** (ýa-da institusional ilat) gartaşan raýatlaryň edaralarynda bolýan ilaty, çagalar öýlerinde we mekdep-internatlarda ýaşaýan çagalary, çagyryş boýunça gulluk edýän harby gullukçylary, düzediş edarasynda jezasyny çekýän respondentleri we beýlekileri öz içine alýar.

**Işçi güýji** – işçi güýjüni iş bilen meşgullaryň we işsizleriň jemi düzýär.«Işçi güýji» düşünjesi harytlary hem-de hyzmatlary öndürmek üçin, tölege ýa-da girdejä çalşylýan işçi güýjüniň häzirki teklip edilmegine degişlidir.

Zähmet Statistikaçylarynyň Halkara Konferensiýasynyň (ZSHK) 19-njy rezolýusiýasyna laýyklykda, olaryň statusyna baglylykda adamlar aşakda sanalan işçi güýjüniň düzüminiň toparlaryna bölünip bilner:

– iş bilen meşgullar;

– işsizler;

– potensial işçi güýjüne degişlileri goşmak bilen, işçi güýjüniň düzümine girmeýänler.

Şunda iş bilen meşgullyk beýleki iki topara gatnaşygy babatda ileri tutulýan ugurdyr, işsizlik bolsa işçi güýjüniň düzümine girmeýän adamlara gatnaşygy babatda ileri tutulýan ugurdyr. Şeýlelikde, işçi güýji statusynyň ähli üç görnüşi biri-birini ret edýän we gutarnykly bolup durýar.

Iş bilen meşgullygyň statusy iş bilen meşgullanýan ilaty iki sany möhüm topar boýunça tapawutlandyrýar:

– hakyna tutulyp işleýän;

– hakyna tutulman işleýän.

**Hakyna tutulyp işleýänler** – bu «hakyna tutulan iş» hökmünde kesgitlenen işi ýerine ýetirýän şahslar.

**Hakyna tutulman işleýänler** – bu «hususy kärhanada iş» hökmünde kesgitlenen işleri ýerine ýetirýän şahslar. Bu topar iş berijileri, özbaşdak iş bilen meşgullanýanlary, maşgalanyň hak tölenmeýän işgärlerini birleşdirýär.